# Bekpolat beg

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bekpolat beg TARYHY ŞAHSYÝETLER -14:

▶ **BEKPOLAT BEG**

*«Direliş. Ärtogrul» teleserialynda keşbi janlandyrylan Bekpolat beg kim bolupdyr? Bekpolat beg taryhy şahsyýetmi? Albassy lakamy bilen «Direliş. Ärtogrulyñ» muşdaklaryny özüne çeken Bekpolat begiñ rolunda türk aktýory Aly Ersan Duru oýnaýar.*

■ **Bekpolat beg kim bolupdyr?»**

Serialda Ümür obasynyñ türkmen begi Aýdyñogly Ümür beg Dragos tarapyndan şehit edilýär. Türkmen obalarynyñ arasyna agzalalyk düşýär. Emma Ümür begiñ gyzy Ilbilge hatyn hernäçe kyn düşenem bolsa, nämäniñ nämedigini görüp ýetişýär we öz obasy bilen Gaýy obasynyñ arasynda duşmançylygyñ döremegine ýol bermeýär, üstesine Ärtogrul Gazynyñ ogly Gündiz begi-de duşmanyñ elinden halas edýär. Emma Ilbilge hatyn hernäçe hakykata göz ýetirip duranam bolsa, dogany Albassynyñ we gyz jigisi Syrmanyñ Ärtogrul Gaza duşmançylyk etjegini bilýär.
Bekpolat beg, ýagny Albassy bolsa aslynda Konýada gezip ýören jansyzdyr. Emir Bahatdin Ärtogrul Gazynyñ ogluny we uçbegligini elinden alybilmänsoñ merhum Ümür begiñ ruhy taýdan näsag ogly Albassyny herekete geçirýär. Albassy bilen Emir Bahatdin öz aralarynda Ärtogrul Gazyny öldürmek üçin dil düwüşýärler.
Albassy ilki Ärtogrul begiñ uçbegilik edýän ýerlerine alamançylyk gurnap, onuñ bu ýerlerdäki sylag-hormatyny pese düşürmek isleýär. Ol bu ýerlerdäki türkmen obalaryny gylyçdan geçirip, begzada çagalary alyp gaçyp, ilatyñ ýüregine howsala salmaga başlaýar.
Ärtogrul Gazy Albassynyñ Ümür begiñ ogludygyny bilmese-de, bu talañçylygy edenleriñ onuñ nökerleridigini bilýär. Ilbilge

hatyn bolsa agasy Albassyny obasyna dolajak bolup, begligiñ ähli ygtyýarlygyny oña tabşyrýar.
Albassy Ärtogrul Gazyny ýok etmek baradaky niýetini gönüden-göni uýasy Ilbilgä aýdýar. Ilbilge hatyn mundan soñ hak bilen batylyñ haýsam bolsa birini saýlama mejburyýetinde galýar. Ol ýa-ha agasyny goldamaga, ýa-da Ärtogrul Gazynyñ we hakykatyñ tarapynda bolup, agasydyr obasyna garşy gitmelidi.

## ■ Albassy kim? Albassy diýmek näme manyny añladýar?

Albassy gadymy türkmen mifologiýasynda giñden tanalýan personažlaryñ biridir. Fantastiki jandar bolan ýaramaz ruhly albassy köplenç täze çaga dogran enelere musallat bolupdyr.[1]

## ■ Bekpolat begiñ ölümi

Teleserialda eden etmişleriniñ jezasyny çekip Ärtogrul Gazynyñ elinden ölýän Bekpolat begiñ ölümi-de edil teleserialdaky obrazy ýaly senariýa esasynda ýazylan sahnadyr. Ýagny, taryhda ýaşap geçen milli gahrymanymyz Aýdyñogly Ümür begiñ Bekpolat beg diýen ogly ýok we onuñ bilen baglanyşykly epizodlaryñ ählisi-de çeper sýužetlere esaslanýar.
Aslynda Aýdyñogullary türkmen begliginiñ hökümdary Aýdyñogly Ümür begiñ (1309-1349) özü-de Ärtogrul Gazydan kän-kän soñ ýaşap geçen taryhy şahsyýet we onuñ Bekpolat beg diýen ogly ýok. Aýdyñogly Ümür begiñ at-abraýy we şan-şöhraty Ärtogrul Gazyñkydan ýokarda bolmasa pesde däl. Häzirlikçe bize elýeterli taryhy maglumatlardan we dürli internet saýtlaryndan Bekpolat begiñ taryhy şahsyýetdigini tassyklaýan ýeke maglumata-da duş gelinmedi. Şonuñ üçinem teleserialyñ Albassy bilen baglanyşykly ähli sahnalarynyñ taryha esaslanan çeper sýužetlerdigini ýatdan çykarmazlyk gerek.

---

[1] Giñişleýin maglumat üçin seret:

http://www.kitapcy.ga/news/albassy/2019-05-08-6831

http://www.kitapcy.ga/news/gadymy_turkmen_mifologiyasynyn_lege

ndar_sayly_gelini_albassy/2019-11-25-9380

@ Kitapçylar. Taryhy şahslar